# Işiñ ussadyndan ýalan dersleri!

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Işiñ ussadyndan ýalan dersleri! IŞIÑ USSADYNDAN ÝALAN DERSLERI!




Söýgüli okyjylarym, Gitler döwrüniñ Germaniýasynda fýureriñ iñ uly we iñ täsirli janly ýaraglarynyñ biri-de Ýozef Gebbelsdi.
Ol Gitleriñ sag goludy.
Wezipesi-de Propoganda ministri.
Gebbels Gitlere şeýle bir wepalydy welin, Ikinji jahan urşundan ýeñilip çykjakdyklary gutarnykly belli bolan iñ umytsyz günlerinde-de aýalydyr çagalary bilen bile Gitleriñ Berlindäki ýörite ýerzemininde ýaşady.
Uruş gutardy… Sowet goşuny paýtagt Berline girdi. Germaniýa boýun egýändigini mälim etmegiñ öñüsyrasynda durdy.
Gitler ýerzeminde oýnaşy bilen birlikde öz janyna kast etdi…
Oña ençeme ýyllap hyzmat eden Gebbels hem hojaýynynyñ yzyna eýerdi.
Ilki özüniñ üç kiçi çagasyny awy berip öldürdi. Yzyndanam aýaly bilen birlikde öz janyna kast etdi.
Hawa, onuñ bilen Gitleriñ arasynda şular ýaly derejede täsin baglanyşyk bardy.
* * *

Faşistik gitlerçi režimiñ Propoganda ministri Gebbels bihal adam däldi.
Ol propoganda işleriniñ depesini deşjek derejede ussatlyga

ýetipdi.
Kyrkynjy ýyllaryň mediýasy diňe gazetlerden we radiodan ybaratdy.
Telewideniýe, internet we ş.m.-ler entek ýokdy.
Gebbels hereket edýän mediýanyň barsyny eýeledi we olary boýdan-başa ulandy.
Gorkuzyp, ezip, ýanap, türme jezalaryny ulanyp, ölüm jezasyny berip…
Gitlerçi režime garşy çykyp biljek ýeke metbugat serişdesini goýmady.
Gazet-žurnallar we radio diňe onuň görkezmesi esasynda işleýärdi. Ýurtdaky ähli oppozision gatlaklar bilen birlikde metbugat hem doly ýok edildi.
Derňew, sud edaralalary doly režimiň golastyna girdi.
Sudýalar, prokurorlar kararlaryny kanunlara esaslanyp däl-de, Gitler bilen Gebbelsiň buýruklaryna we görkezmelerine görä çykarýardylar.

* * *

Ine, şolar ýaly döwrüň Propoganda ministri we Gitleriň sag goly Gebbelsiň bu ugurda oýlan tapan «prinsipleri» öňe sürüldi.
Bulary okanyňyzda, üstünden onlarça ýyl geçendigine garamazdan, basyş we diktatorlyk bilen ýöredilýän «käbir» (!) ýurtlarda bu düzgünleriň (aýratynam mediýa nukdaýnazaryndan) häli-häzirlerem doly güýjünde ýöreýändigini görersiňiz!

* * *

Ine, şolaryň bir bölegi:

– Köp adamda beýni ýaltalygy bar. Mundan peýdalanyp, isläniňizi edip bilersiňiz.
– Ýalan sözläň, hökman ynanjaklar tapylar. Tapylmasa-da, ýalan sözlemegiňizi dowam etdiriň. Bir zady näçe köp gaýtalasaňyz, adamlar şonça köp ynanar.
– Ýalanam bolsa, bir zady zol gaýtalap duruň. Köp adam

soňabaka ol aýdýanyňyzyň ýalandygyny ýatdan çykaryp, öz pikirleri ýaly kabul ederler we öňe sürmäge başlarlar.
– Aýdýan ýalanyňyz näçe uly bolsa, şonça-da täsirli bolar we adamlaryň ynanmasy aňsatlaşar.
– Elmydama dürli hokgalary tapyp, halky oýnap duruň. Adamlaryň tapýan hokgalaryňyzdan ünsüniň sowulmagyna we özbaşdak pikirlenmegine ýol bermäň.
– Halk uly ýalanlara ownuk ýalanlara garanda has çalt ynanýar.
– Ýalňyşandygyňyzy, ýalňyş iş edendigiňizi hiç haçan boýnuňyza alaýmaň.
– Özüňizden özgelere hereket etmäge ýol-ugur goýmaň.
– Etmişi we günäni hiç wagt boýun almaň. Peýdaňyza bolmadyk islendik zady inkär ediň.
– Garşydaşyňyzy gözden salmaň we şowsuz tamamlanan her bir zadyň günäsini hemişe onuň üstüne atyň.
– Şuny ýagşy biliň: sud döwlet durmuşynyň hojaýyny däl, fýureriň we döwlet syýasatynyň hyzmatkäridir.
– Ýakynyňyzda hemişe ýallakçylar topbagyny saklaň. Öz mediýaňyzy örediň, olary mahabatlandyryp dursun.
– At-owazaly lider ýalan-ýaşryklar bilen doly bolsa, propogandanyň işini hasam aňsatlaşdyrýar.
– Bize birinji wajyp zat intelligensiýa däl-de, köpçülikleýin gatlaklardyr, çünki bulary ynandyrmak has aňsat bolýar.
– Wyždansyz we satlyk mediýa elimiziň aşagynda bolsa, döredilen aňsyz halk biziň iň uly daýanjymyzdyr.

* * *

Gitleriň Propoganda ministri Gebbels öz ugrunyň «hakyky ussady» bolup işledi, nemes jemgyýetiniň beýnisini ýuwdy.
Asany asan, keseni kesen ýerinde boldy.
**Hernä, şu tetellileriň ýoly soňky ýyllarda ýurdumyza düşmedi!**
**Ýalan-ýaşryklardan düzülen propogandalar bilen kellämizi agyrdan bolmady!**
**Hudaýa şükür, bizde bular ýalysy häzirem ýok!**

Emin ÇÖLAŞAN.